# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN SENTÝABR AÝYNYŇ 27-si, 2025. №37




# TÜRKMENISTAN GARAŞSYZLYK TOÝUN TOÝLADY

*Türkmen halky baş baýramyny – Garaşsyzlyk gününi belleýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna 34 ýyl bolýar. Taryh üçin gaty bir uzak mütdet bolmadyk 34 ýylyň dowamynda ata Watanymyz ozal görlüp-eşidilmedik derejede uly ösüşleri gazandy.*

Ýurdumyzyň baş baýramy mynasybetli Döwlet münberiniň toplumynyň öňündäki meýdançasynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk dabaralary geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy.

Ilki bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasyna gatnaşdy. Bu dabara Hökümet agzalary, Mejlisiň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri, ýaşulular, ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary we daşary ýurtly myhmanlar gatnaşdylar.

Soňra baýramçylyk dabaralary Döwlet münberiniň toplumynyň öňündäki meýdançasynda dowam etdirildi. Bu ýerde ilki bilen, dabaraly harby ýöriş geçirildi. Harby ýörişde döwlet Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň goranyş kuwwaty görkezildi.

Soňra baýramçylyk görnüşinde bezelen, ýurdumyzyň halk hojalyk toplumynyň dürli pudaklarynyň ýeten sepgitlerini we gazanan üstünliklerini açyp görkezýän awtoulaglaryň toparlary biri-biriniň yzyndan hereket etdiler. Dabaraly ýörişi ýurdumyzyň üstünlikleriniň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Şanly senäniň öňüsyrasynda paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi halkymyzyň milli däplere, döwletimiziň we jemgyýetimiziň hakyky halk häkimiýetlilik ýörelgelerine ygrarlydygynyň ýene-de bir aýdyň güwäsi boldy. Umumyhalk forumynda taryhy üstünlikleriň jemleri jemlenildi, geljek üçin maksatlar, wezipeler we ileri tutulýan ugurlar kesgitlenildi. Şeýle hem ýurdumyzy mundan beýläkde ösdürmäge gönükdirilen möhüm ähmiýetli resminamalar kabul edildi.




Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna goýulýan maýa goýumlaryň möçberi artdy. Jemi içerki önümiň ösüşi döwletiň maýa goýum syýasaty bilen üpjün edilýär. Şu ýylyň ahyryna çenli 40 milliard 72 million manat möçberinde maýa goýumlar özleşdiriler. Munuň özi milli ykdysadyýete maýa goýumlary çekmek üçin amatly şertleriň bardygyny tassyklaýar. Makroykdysady syýasat jemi içerki önümiň möçberlerini ýokary depginler bilen artdyrmaga mümkinçilik berýär. Birnäçe ýyl bäri jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,3 göterim derejede saklanýar. Ol dünýäde ýokary görkezijidir. Jemi içerki önümiň möçberindäki döwlete dahylsyz bölegiň paýyny 2025-nji ýylda 71,6 göterime ýetirmek göz öňünde tutulýar. Jemi içerki önümiň durnukly ösüşi köpugurly strategik maksatnamalaryň üstünlikli netijesidir.



Baýramçylygyň öňüsyrasynda şanly sene mynasybetli täze ýaşaýyş jaý toplumlarynyň, durmuş-medeni we senagat maksatly desgalaryň, şol sanda Döwletli mekan, Bagtly zamana obalarynyň, Bitaraplyk şäherçesiniň, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň täze binalar toplumynyň, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde täze goşmaça okuw binasynyň, umumy ýaşaýyş jaýynyň, sport desgasynyň, paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde çüýşe önümlerini öndürýän zawodyň, Döwlet serhet gullugynyň Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylyp ulanmaga berilmegi döwletimiziň gurmak we döretmek ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny görkezýär. Şeýle ajaýyp wakalar agzybirligimizi, jebisligimizi we gülläp ösüşimizi has-da berkitmäge ýardam edýär.





Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly döwlet Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk şanly senesiniň gadyr-gymmatyny has-da artdyrdy. Ýurdumyzda asudalygyň we durnuklylygyň höküm sürmegi, halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy – bularyň ähilsi saýlanyp alnan durmuş-ykdysady ugruň dogrudygynyň aýdyň güwäsidir. Içeri we daşary syýasatdaky üstünlikler, beýik başlangyçlar, tutumly özgertmeler halkymyzyň Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş-hoşallygyny has-da artdyrýar.







# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## BMG-niň belent münberinden täze başlangyçlary öňe sürdi



Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda iş saparynda bolýan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisinde çykyş etdi. Bu barada BMG-niň Täzelikler gullugy habar berýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hemişelik Bitarap döwlet hökmünde, halkara parahatçylygy we howpsuzlygyny üpjün etmekde BMG bilen hyzmatdaşlygyň alnyp barylýandygyny, hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek we hormat goýmak esasynda gepleşikler üçin şertleri döretmek ugrunda oňyn ädimleriň edilýändigini belledi. Bu bolsa ählumumy we sebit derejesinde durnukly we ygtybarly ösüşi üpjün etmegiň möhüm şerti bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti häzirki wagtda bu maksatlara ýetmegiň iň täsirli usullarynyň biri hökmünde Bitaraplyk ýörelgeleriniň amaly taýdan durmuşa geçirilýändigine ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan 80-nji mejlisiň aýratyn gün tertibine "Bitaraplyk – parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine" mowzugyny girizmek başlangyjyny hödürledi. Şeýle hem «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş prosesini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we wajyplygy» atly Kararnamanyň taslamasyny hödürlär.

Baş Assambleýa 2025-nji ýyly Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýip yglan edenlidigi mynasybetli Türkmenistan özünde ýokary derejeli halkara forumyny geçirer. Şeýle hem döwletleriň ählumumy ösüşi ilerletmek babatda çemeleşmelerini ýakynlaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistan döwletimiz BMG-niň howandarlygynda Halklaryň arasynda parahatçylyk, ynanyşmak hem-de özara hormat goýmak medeniýetiniň meseleleri boýunça bütindünýä sammitini geçirmek başlangyjyny öňe sürdi.

Şunuň bilen baglylykda, Halkara ynanyşmagyň ählumumy kodeksiniň işlenip taýýarlanylmagyň hem möhüm bolup durýandygy bellenildi.

Halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmek maksady bilen, durnukly ulag geçelgelerini ösdürmek we ähli ýurtlar üçin elýeterliligi üpjün etmek ugrunda Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasyna 2026–2035-nji ýyllary Durnukly ulag Onýyllygy diýip yglan etmek baradaky Kararnamanyň taslamasyny hödürledi. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamanyň taslamasy başlangyjyny öňe sürdi.

Ösüşiň başga bir ileri tutulýan ugrunyň biri sanly öwrülişikdir. Türkmenistanyň Prezidentiniň belläp geçişi ýaly, bu işler deňagramly bolmaly, ähli ýurtlaryň, şol sanda ösüp barýan döwletleriň hakyky bähbitlerini we kanuny gyzyklanmalaryny özünde jemlemeli.

Şunuň bilen baglykda, Tükrmenistanyň Prezidenti Dünýä sanly integrasiýa platformasyny döretmek baradaky başlangyç bilen çykyş etdi. Bu platforma deňhukuklylyk, ynam we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň parahatçylyga, howpsuzlyga hem-de durnukly ösüşe zyýan berip ulanylmagyna ýol bermezlik ýörelgelerine esaslanar.

Döwlet Baştutany BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisiniň çäklerinde Türkmenistanyň ekologiýa we howa meseleleri boýunça öz başlangyçlary bilen çykyş edip, şol sanda Baş Assambleýanyň 78-nji mejlisinde hödürlenen Hazar ekologiýa başlangyjyny öňe sürjekdigini belläp geçdi.

Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň ynsanperwer hyzmatdaşlyga gönükdirilen halkara başlangyçlary hem dünýä jemgyýetçiliginiň uly gyzyklanmasyna eýe boldy.

*Bitaraplyk biziň depginli ösüşlerimiziň kepilidir, merdana pederlerimiziň parahatçylyk we durnuklylyk, dostluk hem-de hoşniýetli goňşuçylyk baradaky asyrlarboýy eden arzuwlarynyň has-da üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin täze mümkinçilikdir.*

# Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterreş bilen duşuşdy

Ozal hem habar berşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasyna gatnaşmak üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda iş saparynda bolýar. ABŞ-da iş saparynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Nýu-Ýork şäherindäki edara binasynda BMG-niň Baş Sekretary Antoniu Guterreş bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz Baş sekretary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisiniň üstünlikli başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, Baş Assambleýasynyň işiniň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, şeýle hem durnukly ösüş maksatnamalaryny ilerletmäge uly goşant goşjakdygyny ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz şu ýyl dünýäde iň abraýly guramalaryň biri bolan Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygynyň bellenýändigini aýdyp, bu şanly senä mynasybetli Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Antoniu Guterreşi hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen guramalarynyň ähli işgärlerini tüýs ýürekde gutlady.

Döwlet Baştutanymyz pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary türkmen halkynyň Milli Liderine salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, şu gezekki duşuşyga Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen möhüm meseleler boýunça hyzmatdaşlygynyň özboluşly dowamy hökmünde garaýandygyny aýtdy. Şeýle hem sebit we ählumumy meseleleriň oňyn çözgüdine ýurdumyzyň goşýan goşandyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklady. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 3 gezek ykrar edilen bitarap döwlet bolmak bilen Türkmenistan halkara giňişliginde işjeň syýasaty alyp barýar.

Munuň aýdyň mysaly hökmünde "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda üstünlikli geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny görkezmek bolar.

*Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariatynyň binasynda geçirilen duşuşykda Baş sekretar Antoniu Guterriş hormatly Prezidentimize ählumumy foruma gatnaşýandygy üçin hoşallyk bildirip, ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen hyzmatdaşlykda işjeň orny eýeleýändigini belledi.*

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 2025-nji ýyl Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip yglan edilendigini, bu wakanyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bilen gabat gelýändigini aýtdy we şunuň bilen baglylykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryny şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Antoniu Guterreş çakylyk üçin hoşallyk bildirip, baý taryhy we özboluşly medeni mirasy bolan Bitarap Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we dünýä giňişliginde parahatçylyk taglymatlaryny ilerletmekde möhüm ornuny belledi.



*Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi halkymyzyň beýik gymmatlygy bolup, tutuş dünýäde asuda durmuşy, halklaryň doganlygyny, ynsanperwerligi, özara bähbitli hyzmatdaşlygy hem-de ösüşi dabaralandyrýan taglymatdyr.*

# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, hemişe bolşy ýaly, jenaýat edendikleri üçin iş kesilen we eden etmişlerine ökünip, ak ýürekden toba gelen raýatlarymyzyň günäsiniň geçilýändigini, olary jeza çekmekden boşatmak ýaly sahawatly çäreleriň yzygiderli geçirilip durulýandygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz asylly däbimize eýerip, iş kesilen 225 raýatymyzyň ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli günäsini geçmek hakynda Permana gol çekýändigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde günäsi geçilen adamlaryň ählisini tussaglykdan boşadyp, olar ýakyn wagtda öz öýlerine, maşgala agzalarynyň arasyna barar ýaly, ähli zerur işleri geçirmegi tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz günäsi geçilen adamlara yhlasly zähmet çekip, eziz Watanymyza ak ýürekden hyzmat edip, halal zähmetiň hözirini görüp ýaşamaklaryny arzuw etdi.



Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeleriň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak we milli kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda “Ylmy intellektual eýeçilik hakynda”, “Wirtual aktiwler hakynda” Türkmenistanyň täze Kanunlaryny taýýarlamak, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, Jenaýat iş ýörediş, Raýat iş ýörediş, Maşgala, Ilaty durmuş taýdan goramak, Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodekslerine we beýleki hereket edýän birnäçe kanunçylyk namalaryna üýtgetmelerdir goşmaçalary girizmek boýunça işler alnyp barylýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň sentýabrynda Aşgabatda geçiriljek Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-wenger toparynyň nobatdaky mejlisine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Hasabatda bellenilişi ýaly, altynjy mejlisiň gün tertibine laýyklykda, söwda-ykdysady, energetika, dokma senagaty pudaklarynda, ulag ulgamynda, oba hojalyk, azyk we daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini dolandyrmak, durmuş, zähmet, ylym-bilim, saglygy goraýyş, derman senagaty, medeniýet, sport we syýahatçylyk ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hem-de onuň gerimini giňeltmek barada pikir alyşmak göz öňünde tutulýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa oktýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, geljek aýyň dowamynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Ýaşulularyň halkara güni, Hatyra güni, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni we Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli dürli çärelerdir dabaralary geçirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem oktýabr aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinden gelip çykýan wezipeleri wagyz etmek maksady bilen, dürli maslahatlaryň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa “Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe” atly halkara sergä we ylmy maslahata görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasyna gatnaşmagynyň netijeleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, ol döwlet Baştutanymyzy 21 – 24-nji sentýabr aralygynda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynyň üstünlikli geçmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama bermek meselesi barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ynsanperwer syýasatyny ulgamlaýyn esasda durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi we ýurdumyzyň ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berilmegi baradaky şahsy ýüztutmalary hasaba alnan 142 adama Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berilmegi boýunça degişli işler geçirildi. Olar dünýäniň 7 döwletiniň raýatlary we 15 milletiň wekilleri bolup durýarlar. Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, döwletimizde adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak babatda netijeli işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi we 142 adama Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama bermek hakynda Karara gol çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew Türkmenistanyň raýat awiasiýasy pudagy üçin halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, “Türkmenhowaýollary” döwlet gullugynyň Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebinde okuw türgenleşiklerini geçirmäge niýetlenen “Diamond” kysymly howa gämileriniň halkara derejeli sertifikatlaşdyrylan ýerli uçarman tälimçilerini taýýarlamak hem-de mekdebiň derejesini ýokarlandyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# Türkmenistanyň Prezidenti Nýu-Ýorkda birnäçe möhüm duşuşyklary geçirdi

Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasy dünýä ýurtlaryndan gelen liderlere ikitaraplaýyn gepleşiklerdir duşuşyklary geçirmek üçin hem açyk meýdança bolup hyzmat edýär. Ýubileý sessiýa gatnaşmak üçin ABŞ-da iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş we käbir daşary ýurtlaryň döwlet Baştutanlary bilen geçiren duşuşyklary-da netijeli häsiýete eýe boldy.



Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariatynyň binasynda geçirilen duşuşykda Baş sekretar Antoniu Guterriş hormatly Prezidentimize ählimumy foruma gatnaşýandygy üçin hoşallyk bildirip, ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen hyzmatdaşlykda işjeň orny eýeleýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Kuweýt Döwletiniň Şazadasy Şeýh Sabah Al-Halid Al-Sabah, Eswatininiň Patyşasy Mswati III bilen geçiren duşuşyklarynda bolsa ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýyna baha berlip, hyzmatdaşlygyň geljekki mümkinçilikleri barada pikir alşyldy. Gepleşikleriň dowamynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda özara hereketleri giňeltmegiň möhümdigi nygtaldy.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti Karin Keller-Zutter, Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Bellen hem-de Portugaliýa Respublikasynyň Prezidenti Marselo Rebelo de Souza bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen dostlukly ýurtlary deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan dostlukly gatnaşyklar baglanyşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, söhbetdeşler häzirki wagtda hyzmatdaşlygy ösdürmek we pugtalandyrmak üçin iki ýurduň hem giň mümkinçilikleriniň bardygyny aýtdylar.

Döwlet Baştutanymyz duşuşyklarda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigine, şu wakanyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň BMG tarapyndan ykrar edilmeginiň şanly 30 ýyllygy bilen gabat gelýändigine ünsi çekip, dostlukly ýurtlaryň ýolbaşçylaryny hem-de BMG-niň Baş sekretaryny şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy.

# Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamalaryň gowşurylyş dabarasy geçirildi



Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň mejlisler jaýynda hormatly Prezidentimiziň gol çeken ynsanperwer Kararyna laýyklykda, ýurdumyzda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamalaryň gowşurylyş dabarasy geçirildi.

Dabaranyň dowamynda bellenişi ýaly, ynsanperwer ugur ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, adam jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygydyr. Şunuň bilen baglylykda, milli kanunçylygymyz we halkara kadalar esasynda ýurdumyzda ýaşaýan ähli adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, bähbitlerini goramak we kepillendirmek üçin uly işler durmuşa geçirilýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň 34 ýyllyk şanly toýuny toýlaýan günlerimizde 142 sany daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamalaryň berilmegi asylly ynsanperwer işleriň hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda yzygiderli we üstünlikli dowam etdirilýändigini äşgär edýär.







*Garaşsyzlyk güni – bu ýurdumyzda baş milli baýramçylykdyr.*

*Garaşsyzlyk okgunly ösýän döwletimiziň mizemez binýadydyr. Ol bize ruhy we maddy gymmatlyklarymyzy dikeltmäge, baýlaşdyrmaga, ösdürmäge, şeýle hem parahatçylyk, dostluk we belent ynsanperwerlik däplerimizi dünýäde giňden dabaralandyrmaga mümkinçilik berdi.*

*Baş baýramymyz Watanymyzyň garaşsyz ösüşiniň täze taryhy eýýamyny, beýik üstünliklerini alamatlandyrýar.*

# Türkmenistan Bişkekde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň III parlamentara forumyna gatnaşdy




2025-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Gyrgyzystanyň Bişkek şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň III parlamentara forumy geçirildi. Çärä Türkmenistanyň adyndan Ilçi N.Golliýew wekilçilik etdi. Foruma sebit döwletleriniň parlamentleriniň baştutanlary hem gatnaşdy.

Forumyň dowamynda parlamentara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, migrasiýa proseslerini kadalaşdyrmak we sanlaşdyrmak bilen baglanyşykly häzirki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmen tarapy öz çykyşynda Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk we konstruktiw gatnaşyklar syýasatyna ygrarlydygyny, parlament diplomatiýasynyň parahatçylygy, durnuklylygy we ýnamy berkitmekde möhüm orny eýeleýändigini belläp geçdi.

Çykyşyň dowamynda BMG Baş Assambleýasynyň başlangyjy bilen 2025-nji ýylyň "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýip yglan edilmegine, şeýle hem ýurdumyzyň hemişelik bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň dabaraly bellenilmegine aýratyn üns berildi.

Forumyň soňunda Bişkek Jarnamasynyň kabul edilmegi bilen, Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda parlamentara gepleşikleri mundan beýläk-de ösdürmek, ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek we sebitiň durnukly ösüşi üçin bilelikde çözgütleri gözlemek baradaky borçnamalary tassyklandy.

Şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleriniň indiki, IV parlamentara forumynyň Täjigistan Respublikasynda geçiriljekdigi barada habar berildi.

# «Arkadag» topary ikinji gezek Türkmenistanyň Naýbaşy kubogyny eýeledi




«Arkadag» topary Türkmenistanyň Naýbaşy kubogy ugrunda geçen oýunda «Ahaly» ýeňlişe sezewar etdi. Paýtagtymyzdaky "Nusaý" stadionynda geçirilen duşuşyk 3:0 hasabynda Arkadag şäheriniň adybir toparynyň ýeňşi bilen tamamlandy.

«Arkadag» toparyna ýeňiş getiren gollary Mirza Beknazarow (14-nji minut) bilen Altymyrat Annadurdyýew (52-nji hem-de 63-nji minutlar) geçirmegi başardylar. Duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip "Arkadag" toparynyň oýunçysy Altymyrat Annadurdyýew saýlanyldy.

Şeýlelikde, 2023-nji ýylda döredilen «Arkadag» topary Türkmenistanyň Naýbaşy kubogyna ikinji gezek mynasyp boldy.

Ýeňijilere baýraklary TFF-niň ýolbaşçylar düzümi bilen Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň wekilleri bilelikde gowşurdylar.

# Ermek Koşerbaýew Gazagystanyň daşary işler ministri wezipesine bellendi

Ermek Koşerbaýew Gazagystanyň daşary işler ministri wezipesine bellendi. Degişli karara Prezident Kasym-Žomart Tokaýew gol çekdi.

Gazagystanyň ýolbaşçysynyň beýleki karary bilen Murat Nurtleu daşary işler ministri wezipesinden boşadyldy we Gazagystanyň Prezidentiniň kömekçisi wezipesine bellendi diýip, metbugat gulluklary habar berýär.



Ermek Koşerbaýew ýurduň Daşary işler ministrliginiň düzüminde dürli wezipelerde zähmet çekdi. 2020-nji ýylda Gazagystanyň Russiýadaky ilçisi boldy.

Soňra täzeden Gazagystana dolanyp, 2023-nji ýylda Gazagystanyň Gündogar-Gazagystan oblastynyň häkimi wezipesine bellendi.

Ýurduň daşary işler ministri wezipesine bellenmezden ozal, Ermek Koşerbaýew Gazagystanyň Premýer-ministriniň orunbasary wezipesinde işleýärdi.

# Pakistan Türkmenistanyň bilen göni howa gatnawlaryny dikeltmegi teklip edýär

**Türkmenistanyň «Нейтральный Туркменистан» gazetinde Türkmenistanyň Pakistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi doktor Faryal Leghari tarapyndan çap edilen makalada iki ýurduň arasynda göni howa gatnawlarynyň ýola goýulmagynyň ähmiýeti aýratyn nygtalýar.**

**Diplomatyň bellemegine görä, Aşgabat bilen Pakistan arasyndaky iki sagatlyk howa gatnawy ilaty 240 milliondan gowrak bolan ýurduň raýatlaryna diňe bir Türkmenistana amatly ýagdaýda gelmäge däl, eýsem «Türkmenhowaýollary» kompaniýasynyň Ýewropany, Russiýany, Hytaýy, Uzak Gündogary hem-de Aziýa-Ýuwaş ummany sebitini öz içine alýan giň halkara ugurlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik berer.**

**Howa gatnawlarynyň dikeldilmegi söwdanyň, lukmançylyk syýahatçylygynyň, bilim we medeni alyş-çalyşlaryň ösmegine, şeýle hem mango, sitrus miweleri, gök önümler, et we tüwi ýaly önümleriň çalt eltilmegine goşmaça mümkinçilikleri döreder diýip bellenilýär.**

**Makalada şeýle-de Pakistanyň «Merkezi Aziýa Garaýşy» syýasatynyň çäklerinde Yslamabad Türkmenistany ýurduň içerki bazarlary bilen baglanyşdyrjak we Karaçi hem-de Gwadar portlarynyň üsti bilen halkara bazarlaryna çykmaga mümkinçilik berjek täze söwda we ulag ugurlaryny döretmegi teklip edýär diýilýär.**

**Mundan başga-da, Pakistan eýýäm türkmen işewürlerine 24 sagadyň dowamynda iş wizasyny almak mümkinçiligini berýär. Dokma pudagy hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde seredilýär. Türkmen pagta, ýüplük we ýüpek önümleri Pakistana eksport edilip bilner, Pakistandan bolsa dokma we egin-eşik önümleri Türkmenistanda bazarynda öz ornuny alyp biler.**

# «Türkmenistan» awiakompaniýasy içerki gatnawlaryň tertibine düzediş girizer

**"Türkmenistan» awiakompaniýasy 1-nji oktýabrdan başlap içerki gatnawlaryň tertibine üýtgetmeler girizer. Esasy üýtgeşme Aşgabat – Türkmenbaşy ugurlaryna degişli bolar: gatnawlaryň sany günde üçden iki gezege çenli azaldylar.**

**Şol bir wagtyň özünde, galan ugurlar boýunça uçuşlaryň sany öňküligine galar:**

- **Aşgabat – Balkanabat: *hepdede bäş gatnaw.***
- **Aşgabat – Daşoguz: *hepdede bäş gatnaw.***
- **Aşgabat – Türkmenabat: *hepdede alty gatnaw.***
- **Aşgabat – Mary: *hepdede üç gatnaw.***
- **Aşgabat – Kerki: *hepdede iki gatnaw.***

**Awiakompaniýa sebit merkezleriniň arasyndaky gönüden-göni gatnawlary hem üpjün etmegi dowam etdirer:**

- **Daşoguz – Balkanabat, Türkmenabat we Mary bilen birleşdiriler.**
- **Türkmenabat – Balkanabat bilen.**
- **Mary we Kerki – Balkanabat bilen.**

**Gatnawlaryň doly tertibini «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň resmi web saýtynda görüp bilersiňiz.**




# Pakistan türkmen talyplaryna talyp haky bermäge taýýar

Pakistanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi doktor Faryal Legharyň «Neýtralnyý Türkmenistan» gazetinde çap edilen makalasynda, Yslamabadyň bilim ulgamynda Aşgabat bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýar diýlip bellenilýär.



Ilçiniň belleýşi ýaly, halkara derejesindäki Pakistanyň uniwersitetleri, hünär taýýarlygy boýunça ýöriteleşdirilen merkezler, lukmançylyk institutlary, şeýle hem kiberdolandyryş, maglumat tehnologiýalary, emeli aň we maşyn öwreniş ugurlary boýunça okuw mekdepleri türkmen ýaşlaryna we hünärmenlerine elýeterli bolup biler.

«Pakistan öz okuw mekdeplerinde türkmen talyplaryna talyp haky bermäge, urdu we türkmen dillerinde iki dilli okuw maksatnamalaryna başlamaga, şeýle hem halkara mekdebini döretmäge taýýardyr» diýip, makalada bellenilýär.

Diplomat nygtaýşy ýaly, iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy diňe bir bilimde däl, eýsem medeni alyş-çalyşlarda, sungatda, modada we sportda giňeltmek maksadalaýykdyr.

# Beýik Britaniýa, Kanada we Awstraliýa Palestinanyň döwletliligini ykrar etdiler

Beýik Britaniýa, Awstraliýa we Kanada 21-nji sentýabrda Palestinanyň döwletliligini ykrar edýändigini yglan etdiler.



### KANADA

Premýer-ministr Mark Karni, Kanadanyň Palestina döwletini ykrar edýändigini we "Palestina we Ysraýyl üçin-de parahatçylykly geljege umyt döretmekde hyzmatdaşlygyny hödürleýändigini" aýtdy.

### AWSTRALIÝA

Awstraliýa garaşsyz Palestina Döwletini ykrar edýär, diýip Premýer-ministr Entoni Albanezeniň we daşary işler ministri Penni Wongyň beýanatynda bellenilip geçilýär.

### BEÝIK BRITANIÝA

Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Kir Starmer Londonyň Palestina Döwletini ykrar edýändigini yglan etdi.







# Aşgabatda Hytaýyň döredilmeginiň 76 ýyllygyna bagyşlanan dabara geçirildi

Paýtagtymyz Aşgabadyň “Ýyldyz” myhmanhanasynda Hytaý Halk Respublikasynyň döredilmeginiň 76 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly kabul edişlik çäresi geçirildi. Hytaýyň Türkmenistandaky ilçisi Szi Şuminiň gatnaşmagynda geçirilen dabara “Ata Watan Media” topary hem gatnaşdy.



Çärä ýokary derejeli myhmanlar – Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow, şeýle hem Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, işewür toparlaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Ilçi Szi Şumin öz çykyşynda Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini nygtap, döwlet Baştutanlarynyň yzygiderli duşuşyklarynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklara güýçli itergi berýändigini aýtdy. Şeýle hem ol ulag, energetika, söwda we medeniýet ugurlarynda hyzmatdaşlygyň täze mümkinçilikleriniň açylýandygyny belläp, Hytaýyň dünýä derejesindäki ösüşleri we halkara başlangyçlary barada maglumat berdi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow öz çykyşynda türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň taryhyň çuňlugyna baryp ýetýändigini, halklaryň arasyndaky ýnamly hyzmatdaşlygyň köpasyrlyk esaslarda ösdürilýändigini belledi. Ministr halkara syýasy giňişlikdäki hyzmatdaşlygyň hem ýokary derejä çykandygyny nygtap, ykdysadyýetiň dürli ugurlaryndaky hyzmatdaşlygyň giňelýändigini aýratyn belläp geçdi.

Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň döwrebap mazmuny ykdysady hyzmatdaşlygyň çäklerinden çykyp, giň medeni-ynsanperwer ulgamlara hem aralaşýar. Hytaýda bilim alýan türkmen talyplarynyň sanynyň artmagy, Medeniýet ýyllarynyň üstünlikli geçirilmegi, şeýle hem sebitler arasyndaky gatnaşyklar dost-doganlyk gatnaşyklarynyň berkidilmegine hyzmat edýär.

Daşary işler ministriniň bellemegine görä, häzirki wagtda Hytaý Halk Respublikasynda türkmen talyplarynyň 6500-den gowragy dürli ugurlar bilim alýar. Şeýle hem Türkmenistanda dostlukly ýurt bolan Hytaý Halk Respublikasynyň dilini öwrenmäge gyzyklanma bildirýänleriň sany hem yzygiderli artýar.

Bu dabaraly çäre iki ýurduň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň diňe bir döwlet derejesinde däl, eýsem, halklaryň arasyndaky dostlugyň hem pugtalanyp barýandygyny subut etdi.

Bu dabaraly çäräniň ahyrynda myhmanlara hödür-kerem edildi, şeýle hem türkmen we hytaý sazlary ýaňlandy.

# Özbegistan ABŞ-nyň kompaniýalary bilen şertnama baglaşdylar

Nýu-Ýork şäherine iş saparynyň işewürlik maksatnamasynyň çäklerinde Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew öňdebaryjy amerikan kompaniýalarynyň, maýa goýum gaznalarynyň we maliýe düzümleriniň ýolbaşçylary bilen «tegelek stol» geçirdi.

Çärä ABŞ-nyň Prezidentiniň Günorta we Merkezi Aziýa boýunça ýörite wekili Serdjio Gor, halkara hyzmatdaşlyk boýunça ýörite wekili Paolo Zampolli, söwda ministriniň orunbasary Uilýam Kimmitt, Amerikanyň-Özbegistan söwda palatasynyň başlygy Kerolin Lamm, şeýle hem “Franklin Templeton”, “Citigroup”, “BNY Mellon”, “NASDAQ”, “Boeing”, “Mastercard”, “Visa”, “General Motors”, “Nvidia”, “Oppenheimer”, “Jefferies”, “Air Products”, “Traxys”, “FLSmidth”, “GoGreen Partners”, “Cleveland Clinic”, “Cargill” ýaly ABŞ-nyň işewürler toparynyň wekilleri we iri özbek kompaniýalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Soňky ýyllarda Özbegistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň köpugurly hyzmatdaşlygy ýokary derejä ýetdi. Söwda dolanyşygy 8 ýylyň dowamynda 4 esse artdy. ABŞ-nyň 300-den gowrak kompaniýasy Özbegistana maýa goýdy. Franklin Templeton bilen bilelikde Milli maýa goýum gaznasy döredildi.

Öňdebaryjy amerikan kompaniýalarynyň, maýa goýum fondlarynyň we maliýe düzümleriniň ýolbaşçylary bilen geçirilen «tegelek stol» netijesinde Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň we ABŞ-nyň Prezidentiniň ýörite wekili Serdjio Goryň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn ylalaşyklara gol çekişmek dabarasy geçirildi.

**ŞEÝLELIKDE, SÖWDA-YKDYSADY WE MAÝA GOÝUM HYZMATDAŞLYGYNYŇ TASLAMALARYNY DURMUŞA GEÇIRMEK BOÝUNÇA AŞAKDAKY RESMINAMALAR GOL ÇEKILDI:**

- Özbegistanyň Ulag ministrligi bilen «Boeing» kompaniýasynyň arasynda ulag pudagynda uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk;
- «Technopark» HJ bilen «FLSmidth» kompaniýasynyň arasynda dag-magdan enjamlaryny öndürmek boýunça bilelikdäki kärhana döretmek baradaky ylalaşyk;
- «Akfa group» bilen «Cleveland Clinic» arasynda köpugurly klinika we bilim merkezini döretmek baradaky ylalaşyk;
- «Centrum Air» awiakompaniýasy bilen «Oppenheimer» maýa goýum kompaniýasynyň arasynda özara hyzmatdaşlyk we hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk;
- Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen «Citigroup» kompaniýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk;



- «Uzbekgidroenergo» AJ bilen «Cargill Financial Services International» kompaniýasynyň arasynda maliýe hyzmatdaşlygy baradaky ylalaşyk;
- «Uztransgaz» AJ bilen «Pangea Filtration Technology» kompaniýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk;
- Magdan senagaty we geologiýa ministrligi bilen «Cove Capital» kompaniýasynyň arasynda geljegi uly meýdançalarda geologik gözleg işlerini geçirmek baradaky ylalaşyk;
- «Ýangi Kon» HJ bilen «SLB» kompaniýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk;
- Özbegistanyň Täzeden gurmak we ösüş gaznasy bilen «Biologic International» kompaniýasynyň arasynda emeli intellekt we biotehnologiýa ugurlary boýunça taslamalary maliýeleşdirmek üçin fondlary döretmek baradaky hyzmatdaşlyk ylalaşygy.

# Lawrow: Russiýa Merkezi Aziýanyň esasy hyzmatdaşy

Russiýanyň Merkezi Aziýa ýurtlary bilen jemi haryt dolanyşygy ýylda 45 milliard ABŞ-nyň dollaryndan geçýär. Bu barada Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow Russiýanyň Daşary işler ministrliginiň ýanyndaky Işewürlik geňeşiniň mejlisinde çykyş edip aýtdy. Ol ýerde Merkezi Aziýa döwletleri bilen hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary we daşary ýurt bazarlarynda rus kompaniýalaryny goldamak boýunça çäreler ara alnyp maslahatlaşyldy.




Ministriň sözlerine görä, Russiýa Merkezi Aziýa ýurtlarynyň öňdebaryjy söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biri bolmagynda galýar. Sebit ýurtlarynyň çäginde rus maýasy bilen 24 müň töweregi kompaniýa işleýär.

«Bilelikdäki taslamalar durmuşa geçirilýär, milli pul birliklerinde hasaplaşyklaryň paýy artýar, ulag-logistika infrastrukturasynyň kämilleşdirilmegi dowam edýär» diýip, daşary syýasat edarasyndaky ýolbaşçy belläp geçdi.

Hyzmatdaşlygyň üstünlikli mysallarynyň arasynda ministr halkara ulag geçelgesiniň «Demirgazyk – Günorta» gündogar şahasynyň ösdürilmegini we «Rosatom» döwlet korporasiýasynyň sebitleýin klasterini döretmäge gatnaşmagyny belläp geçdi. Rus kompaniýalary känleriň özleşdirilmegi, senagat we energetika desgalarynyň gurluşygy, şeýle hem sanly hyzmatlaryň ösdürilmegi ugurlarynda hem netijeleri görkezýärler.

Lawrow hyzmatdaşlygyň iň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda energetikany, logistikany, çykaryjy we gaýtadan işleýän senagaty, şeýle-de ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagyny görkezdi.

Ol aýratynlykda möhüm çig mal serişdeleriniň çykarylmagy we gaýtadan işlenmegi, şeýle hem emeli aň tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy babatda işleriň ähmiýetini nygtady.

Mejlisiň ahyrynda ministr oktýabr aýynda Duşenbede Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň duşuşygyna gabatlanyp, «Russiýa – Merkezi Aziýa» ikinji sammitiniň geçiriljekdigini ýatlatdy. «Gün tertibinde söwda-ykdysady, maýa goýum, senagat we ylmy-tehnologik ugurlarda hyzmatdaşlyk temasy bolar» diýip, Lawrow belledi.

# Donald Tramp Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşdy

**Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampyň arasynda gepleşikler geçirildi. Duşuşyk BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80 ýyllyk ýubileý mejlisiniň çäginde, guramanyň Nýu-Ýorkdaky merkezi edarasynda bolup geçdi.**



**Iki ýurduň liderleri özbek-amerikan strategik hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de giňeltmegiň ileri tutulýan ugurlary we häzirki meseleler boýunça giňişleýin pikir alyşdylar.**

**Sebit we ähلumumy gün tertibiniň wajyp meseleleri boýunça pikir alyşyldy. Şu ýylyň 5-nji sentýabrynda geçirilen telefon söhbetdeşliginiň netijeleri boýunça gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişi ara alnyp maslahatlaşyldy.**

**ABŞ-nyň Prezidenti Özbegistanyň Prezidentiniň Amerikanyň iň uly 50-den gowrak kompaniýasynyň we bankynyň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşyklarynyň netijelerine ýokary baha berdi. Raýat awiasiýasy, dag senagaty, möhüm minerallar, maliýe, innowasiýa, himiýa, energetika we beýleki ileri tutulýan ugurlar boýunça şertnamalaryň we geljegi uly taslamalaryň bukjasy emele getirildi.**

**Bu taslamalaryň we şertnamalaryň iki ýurtda-da on müňlerçe täze iş orunlaryny döretjekdigi nygtaldy.**

**Donald Trampyň bellemegine görä, Özbegistanyň Prezidentiniň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna şu gezekki saparynyň çäklerinde 105 milliard dollarlyk taslamalaryň emele getirilendigini, 2018-nji ýyldaky saparynyň dowamynda bolsa bu görkezijiniň 19,4 milliard dollara barabar bolandygyny belledi.**

**Köp möçberli şertnamalaryň arasynda “Boeing 787-9 Dreamliner” uçarlarynyň 8,5 milliard dollarlyk üpjünçiligi bar. «105 milliard dollar – bu gaty erbet däl», – diýip, Donald Tramp belledi.**

**Duşuşygyň ahyrynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Prezident Donald Trampy amatly wagtda resmi sapar bilen Özbegistana gelmäge çagyrdy.**

# Osman Dembele “Altyn top” baýragynyň eýesi boldy

Fransiýanyň “Pari Sen-Žermen” futbol toparynyň hem-de Fransiýanyň milli ýygyndy toparynyň hüjümçisi Osman Dembele “France Football” žurnalynyň görkezmegi boýunça 2024/25 möwsüminde dünýäniň iň gowy futbolçysy üçin niýetlenen “Altyn top” baýragynyň eýesi boldy. Baýrak gowşurylyş dabarasy Parižiň Şatle teatrynda geçirildi. Geçen möwsümde Dembele Çempionlar ligasynda, şeýle hem PSŽ bilen bilelikde Fransiýanyň çempiony we Fransiýanyň kubogynyň eýesi boldy we ýaryşyň iň gowy oýunçysy diýlip yglan edildi. Hüjümçi 25 gol bilen Fransiýa çempionatynyň iň köp gol geçiren futbolçysy boldy.

Geçen möwsümde Dembele PSŽ üçin 53 oýun oýnap, 35 gol geçirdi we 16 gollyk pas berdi. Baýragy oňa “Barselona” we PSŽ-niň öňki futbolçysy, 2002-nji ýyldaky Dünýä çempionatynyň ýeňijisi, 2005-nji ýyldaky “Altyn top” baýragynyň eýesi bolan braziliýaly Ronaldinýo gowşurdy.



2024-nji ýylda “Altyn top” baýragyny Angliýanyň “Mançester Siti” toparynyň ispan ýarymgoragçysy Rodri aldy. Bu baýragy almagyň rekordy argentinaly hüjümçi Lionel Messä degişlidir, ol “Altyn topy” sekiz gezek gazandy.

2025-nji ýylda baýraga dalaşgärleriň sanawyna 30 futbolçy girdi. Ikinji orny “Barselonanyň” we Ispaniýanyň milli ýygyndy toparynyň hüjümçisi Lamin Ýamal, üçünji orny bolsa PSŽ-niň portugal ýarymgoragçysy Witinýa eýeledi.

Dembele 28 ýaşynda, ol 2023-nji ýyldan bäri PSŽ-de çykyş edýär. Futbolçy PSŽ bilen 2024-nji ýylda Fransiýanyň çempionatynda we kubogynda ýeňiş gazandy, 2025-nji ýylda bolsa topary bilen bilelikde UEFA-nyň Super kubogyny aldy.

Fransiýanyň milli ýygyndy topary bilen Dembele 2018-nji ýylda Russiýada geçirilen Dünýä çempionatynyň çempiony we 2022-nji ýylda Katarda geçirilen ýaryşyň kümüş medalynyň eýesi boldy. Milli topar bilen ol 2024-nji ýyldaky Ýewropa çempionatynyň we 2025-nji ýyldaky Milletler ligasynyň bürünç medalyny aldy.

**“ALTYN TOP” BAÝRAGY BARADA**

“Altyn top” baýragy “France Football” žurnalynyň öňki baş redaktory Gabriel Ano tarapyndan döredildi. Bu baýrak ilkinji gezek 1956-njy ýylda Angliýanyň “Blekpul” toparynyň hüjümçisi Stenli Mettýuza gowşuryldy, ýeňiji futbol žurnalistleri tarapyndan kesgitlenýärdi. Ilkibaşda “Altyn top” baýragyna diňe ýewropaly futbolçylar dalaş edip bilýärdiler, 1995-nji ýyldan başlap, futbolçynyň Ýewropa klubynda oýnamagy şertinde, islendik milletdäki oýunçylara berlip başlandy, 2007-nji ýyldan başlap bolsa islendik oýunça berilýär. Sowet futbolçylaryndan “Altyn topy” Oleg Blohin, Lew Ýaşin we Igor Belanow gazandy.

**BEÝLEKI BAÝRAKLARYŇ ÝEŇIJILERI**

Aýal futbolçylar üçin “Altyn top” baýragyny yzygiderli üçünji gezek ispan futbolçy Aýtana Bonmati aldy.

Lew Ýaşin adyndaky baýrak iňlis zenan derwezeçi Hanna Hemptona we italiýaly erkek derwezeçi Janluiji Donnarummaga gowşuryldy.

Erkekler toparynda iň gowy tälimçi diýlip PSŽ-niň ispan tälimçisi Luis Enrike, aýallar toparynda bolsa Angliýanyň milli ýygyndy toparynyň baş tälimçisi, niderlandly Sarina Wigman yglan edildi.

Lamin Ýamal dünýäniň iň gowy ýaş oýunçysyna berilýän “Kopa trofeý” baýragyny aldy. Ispan futbolçy bu baýragy yzygiderli ikinji ýyl aldy we bu baýraga mynasyp bolan taryhda ilkinji futbolçy boldy. Aýallaryň arasynda bu baýragy ispan gyzy Wiki Lopes aldy.

Möwsümiň iň gowy hüjümçisine berilýän Gerd Mýuller adyndaky baýrak şwed Wiktor Dýokereşe we polýak gyzy Ewa Paýora gowşuryldy.

Ýylyň iň gowy klublary erkekler arasynda PSŽ (Fransiýa) we aýallar arasynda “Arsenal” (Angliýa) boldy.

# Türkmen türgenleri sambo boýunça Dünýä kubogynda 11 medal gazandy

Täjigistanyň Duşenbe şäherinde sambo boýunça Dünýä kubogy ugrunda geçirilen ýaryşda türkmen türgenleri medallaryň 11-sine mynasyp boldular. Sport we söweş sambosynyň hersi boýunça 14 agram derejesinde geçirilen ýaryşda ildeşlerimiziň gazanan üstünlikleri baş baýramymyza özboluşly sowgat boldy.

Ýaryşyň birinji gününde ildeşlerimiz hormat münberine 5 gezek çykdylar. Şunda iki türgenimize öz agram derejesinde taý tapylman, altyn medala mynasyp bolmagy aýratyn guwandyryjy ýagdaýdyr. Has takygy, söweş sambosy boýunça zenanlaryň arasynda geçirilen ýaryşda 59 kilograma çenli agram derejesinde Madina Aýdogdyýewa bilen 64 kilograma çenli agram derejesinde Zyba Orunowa altyn medala mynasyp boldy. Sambonyň şu görnüşinde ýene-de zenanlaryň arasynda 50 kilograma çenli derejede Aminat Guwanjowa bilen 72 kilograma çenli agram-



daky türgenleriň arasynda Gülzada Jorakulyýewa hormat münberiniň ikinji basgançagyna çykan bolsa, sport sambosy boýunça tutluşyklarda 88 kilograma çenli agram derejesiniň wekili Annageldi Annasähedow bürünç medalyň eýesi bolmagy başardy.

Dünýä kubogynyň açylyş gününde bolşy ýaly, onuň ikinji gününde hem ildeşlerimiz altyn medallaryň ikisini gazandylar. Bu gezek söweş sambosy boýunça erkekleriň arasyndaky ýaryşda 58 kilograma çenli agram derejesinde Ahmet Taňryberdiýew bilen 71 kilograma çenli derejäniň wekili Isa Arslanow hormat münberiniň iň ýokarky basgançagyna çykdy. 64 kilograma çenli agramda ildeşlerimiziň ikisi medal gazandy. Sanjarbek Awazberdiýewi hormat münberiniň ikinji basgançagynda gören bolsak, Seýdylla Akmämmedow bürünç medaldan paýyny aldy. 88 kilograma çenli agram derejesinde ildeşimiz Abdylla Nazargeldiýew bürünç medaly eýelemegi başardy. Milli ýygyndymyzyň 10-njy medalyny bolsa sport sambosy boýunça zenanlaryň arasyndaky ýaryşda 65 kilograma çenli agram derejesiniň wekili Jemal Owlýakulyýewa gazandy.

# Duşenbe GDA-nyň Baştutanlarynyň sammitini kabul etmäge taýýarlanýar

Oktýabr aýynda Täjigistanyň paýtagty möhüm halkara wakalaryň meýdançasyna öwrüler. 9–10-njy oktýabr aralygynda Duşenbede Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň düzümine girýän döwletleriň Baştutanlarynyň sammiti hem-de «Merkezi Aziýa – Russiýa» formatyndaky duşuşyk geçiriler.

Täjigistanyň Daşary işler ministrliginde geçirilen brifingde GDA ýurtlary boýunça dolandyryş bölüminiň ýolbaşçysy Şaraf Rahimi Täjigistanyň 2025-nji ýylda GDA-da başlyklyk etmeginiň esasy netijeleri, şeýle hem Sammitiň taýýarlygy baradaky meseleler barada maglumat berdi.



Ol sammitde syýasy gatnaşyklary pugtalandyrmak we sebit howpsuzlygyny üpjün etmek, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmek ýaly meseleleriň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny aýtdy.

– Geljek sammitiň çäklerinde möhüm çözgütleriň we beýannamalaryň birnäçesiniň kabul edilmegi meýilleşdirilýär. Şeýle hem GDA giňişliginde migrasiýa we zähmet işjeňligi boýunça resminamalar soňky ýylaşyk tapgyrynda ýerleşýär – diýip, Ş. Rahimi aýtdy.

Ol sammitiň GDA-nyň ösüşine täze itergi berjekdigini we gatnaşýan ýurtlaryň bitewiligini berkitjekdigini hem nygtady. Sammitiň çäklerinde Duşenbede «Merkezi Aziýa – Russiýa» formatyndaky döwlet baştutanlarynyň duşuşygy hem geçiriler.

# Emeli aň üçin 100 milliardlyk şertnama

“OpenAI” we “Nvidia” kompaniýalary 10 gigawatlyk emeli aň infrastrukturasyny döretmek üçin hyzmatdaşlyk we $100 milliardlyk maýa goýumlar barada ylalaşdylar. Bu hyzmatdaşlyk superakyllyga tarap öňe gitmek üçin zerur infrastruktura ösüşinde möhüm tapgyr bolar.



**STRATEGIK HYZMATDAŞLYK**

“OpenAI” we “Nvidia” azyndan 10 gigawatlyk hasaplaýyş kuwwatyny gurmak boýunça strategik şertnama gol çekdiler. Bu kuwwatlar täze emeli aň modellerini taýýarlamak we işletmek üçin “Nvidia”-nyň ulgamlaryna esaslanar. “Nvidia” kompaniýasy täze kuwwatlaryň ulanylyşa girizilmegi bilen $100 milliard çenli maýa goýmagy meýilleşdirýär. Ilkinji tapgyr 2026-njy ýylyň ikinji ýarymynda “Vera Rubin” platformasynda başlanar.

**BILELIKDÄKI ÝOL KARTASY**

Hyzmatdaşlyk çäginde “OpenAI” we “Nvidia” enjamlary we programma üpjünçiligini optimizasiýa etmek boýunça bilelikdäki ýol kartasyny durmuşa geçirerler. Mundan başga-da, hyzmatdaşlyk “Microsoft” we “Oracle” ýaly möhüm tehnologiýa kompaniýalary bilen alnyp barylýan beýleki taslamalary hem doldurar.

**GELJEKKI ÖSÜŞ**

Häzirki wagtda “OpenAI” kompaniýasynyň her hepdede 700 milliondan gowrak işjeň ulanyjysy bar. Täze emeli aň infrastrukturasynyň ösdürilmegi önümleriň we gözlegleriň giňeldilmegini we çaltlaşdyrylmagyny üpjün eder.

# «Bir penjire» ulgamy: 120 müňe golaý resminama elektron görnüşde resmileşdirildi

2025-nji ýylyň sentýabr aýynda, garaşsyz halkara hünärmenler tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy we BMG-nyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy bilen hyzmatdaşlykda durmuşa geçiren «Eksport-import amallary üçin bir penjire» taslamasyna jemleýji seljermesi geçirildi.



Geçirilen seljermäniň netijelerine laýyklykda, «Bir penjire» ulgamy ýurdumyzda daşary ykdysady gatnaşyklaryň çaltlaşdyrylmagynda we döwlet bilen işewürlik jemgyýetiniň arasyndaky gatnaşyklary ýeňilleşdirmekde möhüm ädim hökmünde bahalandyryldy. Şeýle hem, ýurdumyzyň Bütindünýä Söwda guramasyna goşulmakda esasy ugurlary bilen aýdyň sazlaşýandygy tassyklandy.

Bu ulgamyň işe girizilmegi bilen ýurdumyzda pudagara hyzmatdaşlygyň gowulanandygy we sanly hökümet dolanşygyna geçmekde täze mümkinçilikleriň dörändigi bellenildi.

Häzirki wagtda «Bir penjire» ulgamyna 19 ministrlik ýa-da 24 pudaklaýyn dolandyryş edarasy bir bitewi sanly platforma birikdirildi. Netijede, zerur amallary resmileşdirmek üçin wagt gysgaldy hem-de çykdajylary ep-esli azaldy, hyzmatlaryň aýdyňlygy bolsa ýokarlandy.

Sanly hasabatlara görä, diňe 2024-nji ýylda bu ulgam arkaly 100 müňe golaý rugsat beriş resminamasy, 2025-nji ýylyň ilkinji sekiz aýynda bolsa 120 müňe golaý resminama elektron görnüşde resmileşdirildi.

# 680 dollarlyk kofe Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi

Birleşen Arap Emirlikleriniň kofe zynjyry “Ginnesiň rekordlar kitaby”na girdi, ol bir käse ajaýyp içgini haýran galdyryjy bahadan – 2500 dirheme (takmynan 680 ABŞ dollary) satdy.

Bu rekord 2025-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda hasaba alyndy we bu ýerde mesele diňe bahada däl, eýsem önümiň aýratynlygyndadyr. Kofe Panamadan gelen iň seýrek “Hacienda La Esmeral” dänelerinden “V60” filtri arkaly “pourover” usuly bilen taýýarlanyldy.

Bu “Geisha” kofe görnüşi hünärmenler tarapyndan özboluşly, çylşyrymly tagamy üçin – jasminiň we beýleki miweleriň ysyny açyp berýänligi sebäpli ýokary baha berilýär. Çäkli hödürlenmegi sebäpli bu görnüş rekord derejede gymmat boldy.

Şeýle içgini satyn almak – diňe bir käse kofe däl, eýsem tutuş bir dabaradyr. Kofe ýapon el işinden ýasalan nepis kristal käsede hödürlenildi. Goşmaça hökmünde alyja şol bir gymmatly dänelerinden taýýarlanan tiramisu we şokoladly doňdurma tagamy, şeýle hem tagam barada jikme-jik beýan edilen kiçi-



jik hatjagaz berildi.

Bu “altyn” içgini satyn alan müşderiniň şahsyýeti mälim edilmedi.